***Golaýda paýtagtymyzyň mekdep okuwçylary Demirgazyk Makedoniýa Respublikasynyň Struga şäherinde geçirilen ýaşlaryň 29-njy Balkan matematika olimpiadasyndan ýeňişli dolandylar.***

Bu olimpiada dünýäniň 23 döwletinden mekdep okuwçylarynyň 135-si gatnaşdy. Onda ýurdumyza zehinli ýaşlaryň 6-sy wekilçilik edip, ukyp-başarnyklaryny görkezmegi başardylar. Olardan Aşgabat şäherindäki iňlis dili, himiýa we biologiýa okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 86-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiň okuwçylary Hemra Gurbanow altyn medala, Atabaý Akmyradow, Ýeňiş Akmämmedow, şeýle-de Aşgabat şäherindäki dil derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 87-nji ýöriteleşdirilen orta mekdebiň okuwçylary Ýusup Resulow, Parahat Ojarow kümüş medallara mynasyp boldular. Paýtagtymyzdaky iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 83-nji orta mekdebiň okuwçysy Omar Döwranow bürünç medaly eýeledi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026